Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
– BIZ DÜNÝÄNIŇ ÄHLI ÝURTLARY WE HALKLARY ÜÇIN AÇYKDYRYS!

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ELECTRONIC NEWSPAPER

# ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty
Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar
№ 58 (141) 2025-nji ýylyň 20-nji oktýabry



## Hepdäniň möhüm wakalary

**12-nji oktýabrda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň halkynyň we Hökümetiniň adyndan, şeýle hem hut öz adyndan Ispaniýanyň Patyşasy Filipp VI we ýurduň ähli halkyna Ispaniýa Patyşalygynyň Milli baýramy mynasybetli tüýs ýürekden gutlaglaryny, iň gowy arzuwlaryny iberdi. Döwlet Baştutanymyz mümkinçilikden peýdalanyp, Patyşa Filipp VI tüýs ýürekden berk jan saglyk, bagtyýarlyk, abadançylyk, Ispaniýanyň halkyna bolsa parahatçylyk, mundan beýläk-de gülläp ösüş, rowaçlyk arzuw etdi.

***

**13-nji oktýabrda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň Başlygynyň orunbasary Marat Husnullini kabul etdi. Myhman wagt tapyp kabul edendigi üçin hoşallyk bildirip, Russiýada Türkmenistan bilen strategik hyzmatdaşlyga ýokary baha berilýändigini belledi hem-de pursatdan peýdalanyp, Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putiniň we Hökümetiniň Başlygy Mihail Mişustiniň hormatly Prezidentimize hem-de Gahryman Arkadagymyza iberen mähirli salamyny ýetirdi. Şeýle-de myhman Türkmenistanyň durmuş-ykdysady ulgamda gazanýan üstünlikleriniň, türkmen halkynyň baý taryhynyň, medeniýetiniň özünde uly täsir galdyrandygyny belledi.

***

**13-nji oktýabrda** paýtagtymyzdaky Söwda-senagat edarasynda Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-rus toparynyň türkmen we rus tarapynyň ýolbaşçylarynyň duşuşygy hem-de Ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-rus toparynyň 13-nji mejlisi geçirildi. Russiýa Federasiýasynyň Hökümetiniň Başlygynyň orunbasary M.Husnulliniň ýolbaşçylygynda Aşgabada sapar bilen gelen wekiliýetiň agzalarynyň türkmen tarapynyň wekilleri bilen duşuşygy iki ýurduň arasyndaky köpugurly hyzmatdaşlygy mundan beýläk-de ösdürmegiň maksat edinilýändigini görkezýär.

***

**14-nji oktýabrda** türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow ýurdumyza sapar bilen gelen «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd.» koreý kompaniýasynyň müdiriýetiniň başlygy Jong Won-ju bilen duşuşdy.

***

**15-nji oktýabrda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow «Daewoo Engineering & Construction Co., Ltd.» koreý kompaniýasynyň müdiriýetiniň başlygy Jong Won-juny kabul etdi.

***

**15-nji oktýabrda** hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenabat şäherindäki S.A.Nyýazow adyndaky himiýa zawodynda mineral dökünleri öndürýän toplumyň düýbüni tutmak dabarasyna gatnaşdy.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

## TÄZELIKLER
## НОВОСТИ
## NEWS



### A TRAINING LESSON WITH THE PARTICIPATION OF THE DIRECTOR OF THE "TRT AVAZ" TV CHANNEL WAS HELD

On October 13, 2025, a training lesson was held at the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan with the participation of the Director of the "TRT Avaz" Television Channel of the Republic of Turkiye, Yujel Kylychkaya. The event was attended by the students of higher educational institutions of our country, particularly from Magtymguly Turkmen State University, the International University for the Humanities and Development, as well as students of the Faculty of Journalism of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan.

As is well known, the Turkish Radio and Television Corporation (TRT) has been actively cooperating with our country for many years. The organization also has a representative office in Ashgabat. In this regard, TV channels such as "TRT Avaz," "TRT Haber," and "TRT World" attract the attention of the international community by broadcasting materials that reflect the culture, art, and great achievements of the Turkmen people.

In this regard, the Director of "TRT Avaz" acquainted the participants with various aspects of Turkish journalism, shared the experience gained in different fields, and provided information about the activities carried out by the "TRT Avaz" Television Channel. The representative of the "TRT" broadcasting company in Turkmenistan, Ugur Sami Gezer, also took part in the lesson. During the meeting, students asked questions of interest and enriched their knowledge in the field of journalism.



The Turkish journalists also got acquainted with the National School of Turkmen Diplomacy. The guests demonstrated great interest in the Educational Studio operating within the scientific and creative association "Young Journalists" and the editorial office of the electronic newspaper "Voice of the Young Diplomat." They expressed deep gratitude to Hero Arkadag and Hero Arkadagly Serdar for the warm hospitality and the high level of organization of the planned events.

### ПРОСВЕТИТЕЛЬСКО-РАЗЪЯСНИТЕЛЬНАЯ ВСТРЕЧА НА ТЕМУ «КРАСОТА ЖЕНЩИНЫ В ЕЕ ВОСПИТАНИИ»

14 октября 2025 года в Институте международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана состоялась просветительско-разъяснительная встреча на тему «Красота женщины в её воспитании», организованная совместно Центральным советом Союза женщин Туркменистана, Национальным центром профсоюзов Туркменистана и первичной организацией Союза женщин



Туркменистана Института международных отношений Министерства иностранных дел Туркменистана. Встреча на тему «Красота женщины в ее воспитании» была проведена с целью популяризации высоких достижений нашей страны, ее международного престижа, стремительного развития, наших национальных традиций, этикета, святости семьи и государственного уклада, унаследованных от предков, а также повышения уровня понимания молодежью вопросов гендерного равенства.

В ходе выступлений участники выразили благодарность и признательность нашему уважаемому Герою Аркадагу и Аркадаглы Герою Сердару за их усилия в деле воспитания молодежи в духе патриотизма и гуманизма, а также за проводимые в нашей стране масштабные реформы.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# BITARAP TÜRKMENISTANYŇ PARAHATÇYLYGY DÖREDIJI DAŞARY SYÝASATY WE DIPLOMATIÝASY

Türkmenistanyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýy daşary syýasatymyzyň esasy ýörelgesi we özenidir. Bu dereje Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 1995, 2015, 2025-nji ýyllardaky Kararnamalary bilen ykrar edildi.

Türkmenistanyň BMG-niň çäklerinde sebit we ählumumy derejede hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan meseleleri boýunça öňe sürýän netijeli teklipleri dünýä bileleşiginiň giň goldawyna eýe bolup, möhüm resminamalarda öz beýanyny tapýar. Şolaryň hatarynda 2024-nji ýylyň 21-nji martynda Baş Assambleýanyň 78-nji sessiýasynda Türkmenistanyň başlangyjy bilen 2025-nji ýyly «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýip yglan etmek hakynda Kararnamanyň biragyzdan kabul edilendigini bellemek gerek.

Watanymyz hemişelik Bitaraplyk halkara hukuk derejesini berkarar etmek üçin uly ýol geçdi. Ýurdumyz bu ugurda döwlet syýasatyny amal etmek bilen, içeri we daşary syýasatynda birnäçe oňyn başlangyçlary durmuşa geçirdi. Türkmenistanyň Bitaraplyk derejesine eýe bolmagy, Aziýada ylalaşdyryjy merkeze öwrülmegi — ak mermerli Aşgabadymyzda BMG-niň Öňüni alyş diplomatiýasy boýunça sebit merkeziniň, «Ýewropa öýüniň» açylmagy, döwletimiziň birnäçe gezek BMG-niň Baş Assambleýasynyň wise-başlyklygyna saýlanmagy Watanymyzyň oýlanyşykly daşary syýasatynyň dünýä derejesinde uly goldawa eýe bolýandygyny görkezýär.

Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy diýmek dünýä syýasatyndan üzňeleşmek däl-de, işjeň daşary syýasaty alyp barmak bilen, ähli umumy derejedäki tagallalara dahylly bolmak diýmekdir. Nygtalyşy ýaly, Bitaraplyk syýasy, ykdysady, taryhy, medeni meseleleri birleşdirýän döredijilikli işdir.

Bitaraplyk syýasatynyň diňe bir milli däl, eýsem, dünýä bileleşiginiň bähbitlerine, ähli umumy parahatçylygy we abadançylygy üpjün etmäge niýetlenen maksatlara hem laýyk gelýändigini Türkmenistanyň başlangyjy boýunça BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen Kararnamalar hem tassyklaýar. Bu halkara resminamalar köpugurlydyr, olar ekologiýa, energetika, logistika, azyk we başga-da birnäçe möhüm ugurlara degişlidir.

Türkmenistanyň teklibi boýunça BMG-niň çäklerinde döredilen, özüne 20-den gowrak döwleti birleşdirýän «Bitaraplygyň dostlary» atly topar hem ähli umumy parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmäge saldamly goşant goşýar.

Türkmenistan sebit we dünýä döwletleri bilen dostlukly gatnaşyklary alyp barýar. Mysal hökmünde döwletimiz bilen Owganystanyň tejribesini alyp göreliň. Goňşy ýurduň ilaty Türkmenistana hem-de türkmen halkyna hemişe hormat bilen garaýar. Sebäbi Aşgabat Aziýanyň ylalaşdyryjy merkezi hökmünde Owganystanyň içerki işine gatyşmazdan, ähli meseleleri parahatçylykly ýollar arkaly çözmäge ýykgyn edýär we beýleki döwletleri hem şu ýörelgä eýermäge çagyrýar. Türkmenistan Owganystanda parahatçylygyň dikeldilmeginiň tarapdary hökmünde bu ugurda birnäçe başlangyçlar bilen çykyş edýär.

Häzirki döwürde Türkmenistan Birleşen Milletler Guramasynyň esasy ýöriteleşdirilen edaralary, şeýle hem dürli düzümleri, komissiýalary bilen netijeli hyzmatdaşlygy saklamaga uly üns berýär. Şol edaralar bilen bilelikde birnäçe taslamalar we maksatnamalar üstünlikli amala aşyryldy, olar häzir hem durmuşa geçirilýär.

Milli Liderimiziň nygtaýşy ýaly, Bitaraplyk syýasy, ykdysady, taryhy, medeni meseleleri birleşdirýän döredijilikli işdir. Munuň özi onuň parahatçylyk döretmek mümkinçiliginiň gerimininiň has giňdigini şertlendirmek bilen, ýurdumyzyň dünýä syýasatynda alyp barýan işiniň köptaraplaýyn häsiýetini açyp görkezýär.

Goý, Gahryman Arkadagymyzyň, Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň ýer ýüzünde parahatçylygy, howpsuzlygy we durnukly ösüşi üpjün etmegi nazarlaýan daşary syýasy başlangyçlary mundan beýläk-de rowaç alsyn! Bitaraplygyň türkmen nusgasynyň mümkinçilikleri Zemine hemişe parahatçylygyň nuruny çaýsyn!

**Annagül HEKIMOWA,**
Dünýä dilleri kafedrasynyň mugallymy.

# BITARAPLYK – BAGTYMYZYŇ BINÝADY

Hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllygyna

Halkymyzda: «Ata Watan aman bolsa, reňki roýun saman bolmaz» diýilýär. Bu nakyldan görnüşi ýaly, ata Watanymyzyň parahatlygy, ýurdumyzyň abadanlygy halkymyzyň bagtyýarlygynyň sarsmaz binýadydyr. Häzirki wagtda Watanymyzyň parahatlygynyň, Diýarymyzyň asudalygynyň, asmanymyzyň arassalygynyň güwäsi bolan hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk toýuna ýokary derejede taýýarlyk görülýär. Bu şanly senäniň BMG-niň Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Birleşen Milletler Guramasynyň döredilmeginiň 80 ýyllygy bilen gabat gelmegi biziň şatlygymyzy goşalandyrdy.

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe biziň döwletimiziň daşary syýasaty dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan uly goldawa eýe bolýar. Munuň şeýledigini 1995-nji ýylyň 12-nji dekabrynda, 2015-nji ýylyň 3-nji iýulynda, şeýle hem «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» diýlip atlandyrylan 2025-nji ýylyň 21-nji martynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan «Türkmenistanyň hemişelik Bitaraplygy» atly Kararnamalaryň, şeýle-de 2017-nji ýylyň 2-nji fewralynda 12-nji dekabry «Halkara Bitaraplyk güni» diýip yglan etmek barada Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi hem doly aýdyňlygy bilen subut edýär.

Watanymyzyň ähli umumy ykrar edilen Bitaraplygynyň iň esasy aýratynlyklarynyň biri hem onuň mazmuny boýunça oňyn bolmagydyr. Döwletimiz şeýle syýasata eýerip Birleşen Milletler Guramasy, Şanhaý Hyzmatdaşlyk Guramasy, Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasy, Türki Döwletleriň Guramasy, Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygy, Ykdysady Hyzmatdaşlyk Guramasy, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy ýaly birnäçe halkara guramalar bilen hem ysnyşykly gatnaşyklary alyp barýar. Ýeri gelende belläp geçsek, ýurdumyzyň Bitaraplyk hukuk ýagdaýy diňe bir Milletler Bileleşigi tarapyndan däl, eýsem, başga-da ençeme iri halkara guramalary tarapyndan doly goldanylýar. Ýeri gelende belläp geçsek, Hemişelik Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk şanly toýunyň toýlanylýan Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýylynda Stambulda geçirilen YHG-nyň daşary işler ministrleriniň Geňeşiniň 51-nji mejlisiniň çäklerinde Türkmenistanyň başlangyjy esasynda «Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň giňişliginde we bütin dünýäde halkara parahatçylygy, howpsuzlygy, durnukly ösüşi berkitmekde bitaraplyk syýasatynyň orny hakynda» Kararnama kabul edildi.

Hormatly Prezidentimiz Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň plenar mejlisinde eden çykyşynda hemişelik Bitaraplyk syýasatynyň tutuş dünýäde parahatçylygy berkitmekde möhüm ähmiýetiniň bardygy hakynda şeýle belläp geçýär: «Türkmenistan hemişelik Bitarap döwlet hökmünde öz jogapkärçiligine düşünip, hyzmatdaşlyk, özara düşünişmek ýagdaýyny, ähli umumy hem-de sebit derejesinde durnukly ösüşi üpjün etmäge ukyply esasy we kesgitleýji şert hökmünde özara hormat goýmak dialogyny döretmäge gönükdirilen anyk çäreleri mundan beýläk-de amala aşyrmaga taýýardyr. Häzirki wagtda bu wezipeleri ilerletmekde we ýerine ýetirmekde iň netijeli gurallaryň biriniň bitaraplyk ýörelgeleriniň iş ýüzünde durmuşa geçirilmegidigine berk ynanýarys. Şunuň bilen baglylykda, Türkmenistan BMG-niň Baş Assambleýasynyň 80-nji sessiýasynyň gün tertibine «Bitaraplyk — parahatçylygyň we howpsuzlygyň hatyrasyna» atly aýratyn bendi girizmek başlangyjyny öňe sürdi. Dünýä jemgyýetçiliginiň bitaraplygyň wajypdygyna, BMG-niň parahatçylyk döredijilikli strategiýasynda onuň mümkinçiliklerine we gurallaryna düşünýändiginden ugur alyp, muny möhüm diýip hasaplaýarys».

Garaşsyz, hemişelik Bitarap Watanymyzyň halkara abraýyny günsaýyn belende galdyrýan türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyzyň, hormatly Prezidentimiz Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň dünýä ähmiýetli işleriniň rowaç, janlary sag, belent başlary aman bolsun!



**Mähriban GARAÝEWA,**
Jemgyýeti öwreniş ylymlary kafedrasynyň mugallymy.



On October 16, 2025, the newly appointed Consul General of Turkmenistan in the Republic of Türkiye (Istanbul) Ovezgeldi Jumanazarov presented his Consular Patent to the Director of the General Directorate of the Consular Service of the Ministry of Foreign Affairs of the Republic of Türkiye Gülsun Erkul.

# Güýzüň şahyryna bagyşlandy



2025-nji ýylyň 16-njy oktýabrynda Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary institutynda «Ýaş žurnalistler» ylmy-döredijilik gurnagynyň hem-de «Ýaş diplomatyň sesi» elektron gazetiniň redaksiýasynyň bilelikde guramagynda Gurbannazar Ezizowyň ömri we döredijiligine bagyşlanan döredijilik agşamy geçirildi. Oňa Türkmenistanyň halk artisti Atageldi Garýagdyýew, şahyryň uly gyzy Ýazgül Ezizowa, şeýle-de institutyň mugallymlarydyr talyp ýaşlary gatnaşdylar.



Döredijilik agşamynda, ilki bilen, Ýazgül Ezizowa çykyş edip, türkmen edebiýatynda öçmejek yz goýan şahyr hakynda gyzykly hem-de ýakymly ýatlamalary gürrüň berdi. Elbetde, syrly dünýä ýaly bolup, söýgüli şahyrymyzyň şahsyýeti-de, edebiýata gelşi-de, döredijilik aýratynlygy-da hemmeleri gyzyklandyrýar. Şoňa görä-de, şahyr bilen bagly gürrüňler duşuşyga gatnaşyjylara ýatdan çykmajak täsirleri bagyşlady.

Çykyş edenleriň nygtaýşy ýaly, Gurbannazar Ezizow öz şygyrlary bilen türkmen şygryýetine pikir taýdan-da, onuň aýdylyşy jähetden-de, düzüliş babatda-da täzelikleri getirdi. Bary-ýogy otuz bäş ýaşyň içinde tutuş bir halkyň şygryýetinde mekdep derejesine ýetmek diýseň seýrek hadysa. Şonuň üçinem Gurbannazar şahyryň şygyrlary bu günki gün her bir öýde, her bir türkmeniň kalbynda ýaşaýar.



Duşuşykda şahyryň ömür ýoly dogrusynda hem söhbet edildi. Ýeri gelende bellesek, Gurbannazar Ezizow 1940-njy ýylyň 1-nji martynda Gökdepe etrabynyň Söwütli obasynda Azyz (Abdylazyz) Hümmedowyň maşgalasynda dünýä inýär. Ol 1964-nji ýylda Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň türkmen filologiýasy fakultetini tamamlaýar. Soňra «Mydam taýýar» gazetiniň, «Pioner» žurnalynyň edebi işgäri, «Edebiýat we sungat» gazetiniň poeziýa bölüminiň müdiri, Türkmenistanyň ýazyjylar birleşiginde ýaş şahyrlaryň maslahatçysy wezipelerinde işleýär. Şahyr işiniň daşyndan zergärçilik bilen hem meşgullanyp, nepis şaý-sepleri ýasaýar.



Soňra aýdym-saz muşdaklarynyň arasynda «Altyn bariton» adyny alan Atageldi Garýagdyýew şahyr dosty bilen bagly başdangeçirmelerini bu ýere ýygnananlar bilen paýlaşdy. Ýeri gelende aýtsak, Atageldi Garýagdyýewiň şahyryň sözlerine, meşhur kompozitor Nury Halmämmedowyň sazlaryna döredilen aýdymlaryny ýerine ýetirmegi döredijilik agşamynyň ähmiýetini has-da artdyrdy.

Türkmenistanyň halk ýazyjysy, şahyr, dramaturg Gurbannazar Ezizowyň ömri we döredijiligine bagyşlanan duşuşygyň dowamynda institutyň Halkara žurnalistikasy fakultetiniň talyplary — Begnazar Begnazarowyň hem-de Peristan Töräýewanyň ýerine ýetirmeginde joşgunly aýdymlar ýaňlandy. Şeýle-de «Ýaş žurnalistler» ylmy-döredijilik gurnagynyň agzalary şahyryň hakydalarda baky orun alan goşgularyny labyzly okadylar.







Döredijilik duşuşygynyň ahyrynda oňa gatnaşyjylar türkmen edebiýatynda öçmejek yz goýan şahsyýetleriň döredijilikleriniň içgin öwrenilmegi ugrunda giň mümkinçilikleri döredip berýän Gahryman Arkadagymyza hem-de Arkadagly Gahryman Serdarymyza hoşallyk sözlerini beýan etdiler.

**«Ýaş diplomatyň sesi».**

# Altyn ýapraklar

Güýz pasly barada duýga berilmedik ynsan barmyka?! Menem öz gezegimde bu ýazgymda güýz hakynda ajaýyp duýgulara ýugrulan pikirlerim beýan edesim gelýär. Her bir paslyň özüne mahsus gözelligi, reňk öwüşginleri bolýar. Pasyllaryň arasynda güýz pasly hem özboluşly tapawutlanýar. Sebäbi, ýaz, tomus paslynda gök öwsen ýapraklar saralyp, ýetişen miweler ýygnalyp, ýylyň jemi jemlenýär. Güýz paslynyň gelmegi bilen tebigat altynsow keşbe girip täze bir görnüşe geçýär. Güýz paslyny ýatlanyňda, bütin düýrmegi bilen öz döredijiliginiň köp bölegini bu pasyl bilen baglan şahyr Gurbannazar Ezizow biygtyýar ýadyňa düşýär. Men sözümi Türkmenistanyň halk ýazyjysy Gurbannazar Ezizowyň güýz hakyndaky goşgusy bilen dowam edesim gelýär:

*Ýene güýz. Güýz bolsa saralýar ýaprak.*
*Ýaprak saralanda durlanýar pikir.*
*Ýatlaýan geçeni öňküden köpräk,*
*Hem diýýän: «Oňatlyk, Hudaýa şükür!»*

Ýylyň-ýylyna tirkeşip gelýän dört paslyň arasynda güýz bereketli aýlaryň biridir. Ekin meýdanlarynda miweler ýetişýär, baglaryň şahalaryna görk beren ýaşyl ýapraklar saralyp, ýere düşýär. Ol altynsow ýaprakda ähli pasyllaryň reňki bar. Güýz pasly has beterem, sungat adamlarynyň ýüreklerinde kämillige bolan duýgulary oýarýan pasyldyr. Her bir gülüň ysynyň deň bolmaýşy ýaly pasyllar hem özleriniň özboluşly gözelligi bilen aklyňy haýrana goýýar. Güýzüň gelmegi bilen ynsanlar kämillik barada has köp oýlanýarlar.

Güýz... Adamlardan sorasaň, olar güýz paslynyň akylpaýhasyň has-da goýalyşýan döwri diýip aýdýarlar. Has dogrusy, güýz hakynda danalaryň aýdan sözleri bilen tanyşmak örän gyzykly bolsa gerek:

*Güýz tebigatyň güllemegi, ol paýhas we durmuş akymynyň üýtgeşikligine düşünmekdir.*

***Marilli Juliet.***

*Güýz niçe sowuk bolsada, ol şemaly bilen mylaýym. Güýz tebigatyň sahawatly möwsümidir.*

***Fridrih Nitş.***

*Güýz — tebigatyň ajaýyp gözelligini, owadan düýşleriň aňsatlyk bilen ýok bolup biljekdigini ýatladýan döwürdir. Kalbyň söýgi bilen dolanda, güýz tomusdan has ýyly bolup biler. Güýz tebigatyň bu ýylky iň soňky şüweleňidir.*

***Debra Uels.***



*Güýz ýylyň iň soňky we iň owadan ýylgyryşy.*

***William Kullen Braýant***

*Güýz owunjak altyn bölekleri bilen ene ýeri bezäp başlaýar. Tomus gutarýar, güýz başlaýar. Hemişe bolşy ýaly, iş, durmuş dowam edýär! Güýz jepaly zähmeti öwredýän ýylyň ýeke-täk wagtydyr.*

***Teresita Fernandes***

*Güýz uklap ýatan tebigatyň soňky gözelliginiň ýeňşidir. Güýz bize kiçigöwünliligi öwredýär.*

***Joko Ono***

*Her ýaprak gül bolanda güýz ikinji bahardyr.*

***Albert Kamu***

*Güýz alma hasylyny dişlemekdir.*

***Kristina Petrowsk***

*Güýzde ýyly eşikleriň jübüsini barlamak, köplenç, meýilleşdirilmedik girdejä getirýär!*

*Güýz üýtgeşiklik möwsümidir.*

***Ýapon nakyly***

*Her kim güýz ýapraklarynyň düşmegine tomaşa etmek üçin azyndan iki minut tapmaly...*

*Güýz erkinligiň hakyky möwsümidir, ýagny, ýapraklar diňe ýaşyl bolmagyň ýerine sary, gyzyl, goňur, mämişi reňkleri hem saýlap biler!*

***Dim Butçer***

*Hut şu wagt tebigat maňa ýylylyga baha bermegiň nähili möwsümdigini ýada salýar. Güýz hemişe we hemme ýerde hemme zady çylşyrymlaşdyrýar. Durmuşda-da, gatnaşyklarda-da.*

***Henri Lion Oldie***

*Her güýzde ýene gülleýärin.*

***Aleksandr Puşkin***

*Ýazda ýürek ýalňyşýar, ýöne güýzde netijeleri jemleýär.*

***William Allingem***

**Artyk BEGENJOW,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
I ýyl talyby.

2025-nji ýylyň 13-15-nji oktýabry aralygynda Baku we Genje şäherlerinde Türkmenistanyň Azerbaýjan Respublikasyndaky Medeniýet günleri geçirildi.

# TIKEN GUŞLARY

(Oýlanma)

Talyp adyna eýe bolup, birinji sentýabr güni okuw otagynda ilkinji sapagymyzyň başlamygyna ýarym sagat çemesi galanda, wagtymy boş geçirmezlik üçin ýanymda göterip ýören kitabymy elime aldym. Ýöne bileje okuwa giren talyp deň-duşlarym, okaýan kitabym bilen gyzyklanyp başladylar. Men kitapdaky okan ýerlerimden bir rowaýatyň adyny aýdanymda, ýagny, eserdäki "Tiken guşlary" rowaýatynyň adynyň gelip çykyşy hakynda aýdyp bermegimi soradylar. Ol rowaýat ýazyjy zenan Kolin Makkalounyň eserindäki rowaýatyň ady "Tiken guşlarydy". Menem ol rowaýat hakynda ähli talyp deň-duşlarymyzyňam bilmegini isledim.

Şeýlebir üýtgeşik saýrak guş bulupdyr we ol ömründe bir gezek hiç bir guşuňka meňzemeýän bir aýdym aýdypdyr. Ol aýdym ýaňlananda, daş-töwrek gözellige öwrülip jennet bagyny ýada salypdyr. Aýdymyň sesine bütin älem haýrana galypdyr. Bilbillerem ep-esli wagtlap saýramasyny goýupdyr. Ol guş günleriň birinde höwürtgesini taşlap, içinden geçip bolmaýan tikenli bagyň gözlegine çykypdyr. Ol guş tikenli bagy tapýança ençeme kynçylyklara sezewar bolupdyr. Arzuwyna ýetmäge yhlas eden ol guş ahyry tikenlige bürenen bagyň üstünden barýar. Ol guş begenjinden ýokardan aşaklygyna uly bat alyp özüni tutuş göwresi bilen tikenlige okdurylýar. Şondan soň sözde beýan edip bolmajak çydamlylyk edip, ähli güýjüni jemläp aýdym aýdyp başlaýar. Ýene-de onuň jadyly owazyny eşiden bütin älem-jahan dymýar. Hatda bu täsin owaza beýik Biribaram asman tarapdan ýylgyryp bakýar. Tiken guşunyň ajaýyp owazyna görüplik eden bilbillerem onuň aýdymyna aşyk bolandyklaryny özlerem aňmandyrlar. Rowaýat şeýle tamamlanýar.



Men bu rowaýaty okap köp oýlandym. Hakykatdan hem, beýik işleri amal etmek üçin agyr külpedi başdan geçirmeklik däl-de, yhlasymyzy beýik ynama öwrüp, arzuwlarymyza ýetip boljakdygyna göz ýetirdim. Arzuwlarymyzyň amala aşmagy bolsa hut biziň hiç wagt "otda ýanmajak, suwda synmajak" beýik ynamymyza, gujur-gaýratymyza baglydygyna "Tiken guşlary"rowaýatyny okap, çyn ýürekden düşünip galdym.

**Yhlas AGÖÝLIÝEW,**
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň
I ýyl talyby.

# MUGALLYMA ÝAZYLAN HAT

«Bir enäniň oglunyň mugallymyna haty» kyssasy diňe bir ene ýüreginiň arzuwy däl, eýsem, jemgyýetiň ruhy ösüşine gönükdirilen çuňňur terbiýe mekdebidir. Bu eser, bilim bilen terbiýäniň arasynda näzik, ýöne berk bir köpri döredýär. Ene oglunyň diňe akyl taýdan däl, ýürek taýdan hem kämilleşmegini isleýär. Hatda şeýle diýýär: «Oňa kitaplaryň gudratyny öwret, ýöne asmandaky guşlaryň sesini diňlemegi-de öwret». Bu söz adamzadyň diňe maglumat bilen däl, duýgy bilen hem ýaşamalydygyny ýatladýar. Ene mugallymdan oglunyň duýgur bolmagyny, merhemetli bolmagyny, adalatly bolmagyny isleýär. Bu bolsa mugallymyň jemgyýetde nähili möhüm ornunyň bardygyny görkezýär. Men şu ýerde danalaryň aýdan käbir sözlerini mysal getireýin:

Bilim – akyl üçin, terbiýe – ruh üçin.

– Bilim adamdan alym döredip biler, ýöne terbiýe adamdan ynsan döredýär. Kyssada ene oglunyň zalym bilen batyry, ýalan bilen hakykaty tapawutlandyrmagy öwrenmegini isleýär. Bu bolsa ahlakly düşünjäniň bilimden öň gelmelidigini görkezýär.

– Ene oglunyň gazanylan on teňňäniň, tapylan on manatdan has gymmatlydygy hakynda bilmegini isleýär. Bu setir, zähmetiň, halal gazanjyň gymmatyny öwretmegiň zerurdygyny görkezýär. Ene oglunyň üstünlik gazanmagyny isleýär, ýöne bu üstünlik adamkärçilik bilen utgaşmaly.

– Mugallym – jemgyýetiň ruhy binýady. Mugallym diňe sapak berýän däl, eýsem adam terbiýeleýän şahsyýetdir. Kyssada ene mugallyma ýüzlenip, oglunyň duýgur bolmagyny, başgalaryň agysyna gulak asmagyny, ýalňyz galanlara ýoldaş bolmagyny isleýär. Bu bolsa mugallymyň jemgyýetde adamkärçiligiň öwezini dolýan şahsyýetdigini görkezýär.

«Bir enäniň oglunyň mugallymyna haty» diňe bir şahsy hat däl, eýsem, jemgyýet üçin ruhy ýörelge bolup durýar. Bu eser bize şuny ýatladýar:

– Bilim – akyly ösdürýär, terbiýe – ýüregi.

– Üstünlik – diňe pul bilen däl, adamkärçilik bilen ölçelýär.

– Mugallym – jemgyýetiň ruhy binýadyny guryan şahsyýetdir.

Bularyň hemmesi ynsanyň bagta barýan ýoluny açýan gudratly ýoldur.

Geldimyrat TAGYÝEW,
Halkara žurnalistikasy fakultetiniň IV ýyl talyby.

# Toý däp-dessurlary — türkmeniň milli hazynasy

Ýurdumyzda hormatly Prezidentimiziň tagallasy bilen ata-babalarymyzdan miras galan milli toý däp-dessurlaryny öwrenmäge uly üns berilýär. Olar halkymyzyň geçmiş durmuşyndaky bir parçasy bolup, onuň gözellik, edep-ekram, ömrüň manysy baradaky düşünjelerini özlerinde jemleýärler. Belli bir bölegiň häzirki döwürde ýörgünli bolmagy bolsa, milli aýratynlygymyzyň dowamatyndan habar berýär.

Türkmen milli toý däp-dessurlarynyň hem özboluşly taryhy bar. Olar irki döwürlerden gözbaş alyp gaýdyp, biziň günlerimize çenli gelip ýetipdirler. Türkmen halky dürli wakalara, senelere ýanap toý tutmagy gowy görüpdir. Şolaryň biri hem durmuş toýy, ýagny, gelin toýudyr. Gelin toýy, durmuş toýy bilen baglanyşykly toý däp-dessurlary çylşyrymlylygy, dabaralylygy, şatlyk-şowhuna beslenmegi bilen beýleki toýlardan düýpli tapawutlanýar.

Türkmen halky uzak geçmişlerden bäri milli toýlaryny barha kämilleşdirip, juda baýlaşdyryp bilen milletdir. Bäbek toýy, sallançak toýy, diş toýy, galpak toýy, sünnet toýy, durmuş toýy, ak goýun toýy, tam toýy, garaz, sanasaň sogaby bar. Bu toýlar halkyň ruhy gymmatlygyny has-da ýokary dereje göteripdir.

Gadymy döwürden bäri türkmen toýlarynyň üç günden başlap, ýedi güne çenli dowam etdirilýändigini söýgüli şadessanlarymyzyň üsti bilen aýdyň bilýäris. Türkmen milli toýlarynda onuň eýesi toýuň has dabaraly, şatlykly, ýatda galar ýaly bolmagy üçin elinde baryny orta goýýar. Özge hiç bir halkyňka meňzemeýän milli



toýlarda türkmeniň ynsanperwerligini, myhmansöýerligini, eliniň açyklygyny, ruhy rüstemligini äşgär edýän ajaýyp sypatlar ýüze çykýar. Türkmen toý üçin hiç zadyny gaýgyrmaýan, oňa tutumly taýýarlyk görýän halkdyr. Ol özüniň gerimi, dabarasy bilen göreni haýran edýär. Ogul öýermek ýaly uly toýlarda at çapdyryp, göreş tutulýar, ýaglyga towsulyp, «ýüzük bukdy» we başga-da toýuň dabarasyny artdyrýan milli oýunlar oýnalýar. Giç-agşama çenli bagşy aýtdyrylyp, deprek kakylyp, tüýdük we gyjak çalynýar.

Berkarar döwletimiziň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda milli däp-dessurlarymyza hormat goýulýar. Häzirki wagtda pederlerimiziň kämil döredijilik ukybyny, pähim-paýhas, ýiti zehin siňdirip, asyrlaryň dowamynda türkmeniň adyny şöhratlandyran medeni-ruhy gymmatlyklaryny öwrenmäge we gorap saklamaga giň ýol açyldy. Bu döwürde dürli ugurlar bilen bir hatarda, milli toý däp-dessurlarynyň ýurdumyzyň dürli künjeklerinde özboluşly aýratynlyklary öwrenilip, halka ýetirmäge uly mümkinçilikler döredi.

Gadymyýetden gözbaş alýan ajaýyp toý däp-dessurlarymyzyň her biri özboluşly, baý ruhy gymmatlyga eýe bolup, ýagşy niýet bilen döräp, kämilleşdirilip gelinýär. Olar halkymyzyň milli medeniýetini, mirasyny öwrenmäge uly mümkinçilik berýär. Hawa, her bir halkyň milli mirasy, däp-dessury onuň milli hazynasydyr, buýsanjydyr.

**Ogulbike YMAMBERDIÝEWA,**
Žurnalistikanyň nazaryýeti we amalyýeti
kafedrasynyň mugallymy.

2025-nji ýylyň 16-njy oktýabrynda Özbegistanyň Mirzo Ulugbek adyndaky milli uniwersitetinde 2025-nji – «Magtymguly – dünýäniň akyldary we onuň pelsepesiniň häzirki döwürdäki ähmiýeti» atly maslahat geçirildi.

THE VOICE OF YOUNG DIPLOMAT
ELECTRONIC NEWSPAPER
ÝAŞ DIPLOMATYŇ SESI
Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Daşary işler ministrliginiň Halkara gatnaşyklary instituty
Elektron gazet 2020-nji ýylyň 1-nji oktýabryndan bäri çykýar

Baş redaktor
Jumaberdi ARTYKOW

Baş redaktoryň orunbasarlary: M.Mätgurbanow, G.Gurbansähedow.
Jogapkär kätip: A.Kaşaňow.
Jogapkär kätibiň orunbasary: O.Çaryýarowa.
Bölüm müdiri: J.Öwezowa.
Edebi işgärler: A.Ýazweliýew, A.Nobatowa, Y.Hallyýew.
Korrektorlar: A.Döwletowa, B.Baýhanow.

Redaksion geňeşiň agzalary:
B.Ataýew, M.Berdinyýazow, A.Gökleňow, R.Bäşimow, B.Saryýew, B.Amansaryýew, B.Karaýew, M.Gandymowa, P.Çaryýew, J.Pürjäýewa.

Gazet elektron görnüşinde HGI-niň www.iirmfa.edu.tm internet saýtynda ýerleşdirilýär.

E-mail:
hgi.redaksiya@gmail.com